# Hojanyýaz seýis

Category: Kitapcy,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Hojanyýaz seýis HOJANYÝAZ SEÝIS

■ Gepbaşy deregine

Nesibäm çekip, 1993-nji ýylda dädem Araztagan Tagangylyç ogly bilen Eýran döwletine görme-görşe gitdik. Elbetde, bu ülkämiziň garaşsyzlyk gazanmagy bilen hasyl bolan zat. Şonda doganoglanlarymyz bilen görüşüpdik, mukaddes ýerlerde zyýaratda bolupdyk. Bendertürkmen şäherinde at çapyşyk bolýandygyny eşidip, şol ýere bardyk. Biz belent bir diňiň üstüne çykyp, at çapyşygyna tomaşa etdik. Ýaryşa goşulan bedewler owadanlygy, ýyndamlygy bilen biri-birinden kem galarly däldi. Ana, birdenem gyr bedew öňe saýlanyp başlady. Biziň öň ýanymyzda duran gür sakgally ýaşuly elindäki taýagyna söýenip, ýyldyrym kimin süýnüp barýan bedewi synlap: «Gaýraly Hojanyýaz Warrygyň aty bol-a» diýip içki duýgusyny daşyna çykardy. Ýaşulynyň sözüne üns beren bolmady. Uly aýlaw tamanlandy. Ýaňky gyr bedew uly baýragy aldy. Men ýaşula golaý baryp, Hojanyýaz Warryk barada soradym. Sebäbi ol maňa tanyşdy. Eýranly ýaşuly onuň bilen ençeme gezek duz-emek bolan eken. Şondan soň men Hojanyýaz aganyň ykbaly bilen gyzyklanyp ugradym. Uzak gözleglerden soň, ol baradaky maglumatlaryň birnäçesini topladym.

■ Hojanyýaz Warryk kim?

Hojanyýaz Warryk Etrek, Gürgen sebitlerinde önüp-ösüpdir, şol ýerlerde hem ol belli seýis hökmünde tanalypdyr.
Hojanyýazyň dädesine Gara Täşli diýer ekenler. Olar ilki Gazanjygyň Akjaguýma obasynda ýaşapdyrlar. Sakawy taýpasyndan bolan Gara Täşli ýedi ýaşyndan başlap türkmeniň uçar ganaty bolan bedewleri özüne hemra edinipdir. Çagalykdan at münüp, ony seýislemegi, çapmagy öwrenen Gara aga soň-soňlar belli seýislige ýetişipdir. Gara aganyň Hojanyýaz Warrykdan başga

Aba, Teke, Garaja diýen ogullary bolupdyr. Olar dürli hünärlerden baş çykarypdyrlar. Olaryñ nebereleri häzir Gazanjyk, Etrek, Gürgen sebitlerinde ýaşaýarlar.
Hojanyýaz 8-10 ýaşlarynda dädesi Gara Täşlinim seýislän atlaryny uly aýlawlarda çapypdyr. Etrek, Gürgen sebitlerinde geçirilýän at çapyşyklardan Hojanyýaz galmaz eken. Ol heniz oglan wagty dädesi bilen Eýranyñ Kümüşdepe diýen obasynda bolan at çapyşyga barýar. Ýaryş başlanýar. Hojanyýazyñ seýsi ýetirilen gyr aty hem şol ýaryşa goşulýar. Dokuzynjy aýlawda ýaryşa sekiz atdan ikisi öñe saýlanýar. Şolaryñ biri Hojanyýazyñ gyr aty eken. Iñ soñky aýlawda gyr bedew beýlekilerden ep-esli arany açyp, pellehana ilki gelipdir. Kesesinden synlap duran Gara seýis Hojanyýazyñ at çapyşyna göwni ýetip, onuñ ýanyna barýar. Baýragy ýüzüne sylýar. Synçy bolmagyny ýatsa-tursa öwredip ýören Gara ogluna garap:
— Oglum, ýañky bäsleşen Bendertürkmeniñ atyny ýagşy synlansyñ, hany aýt bakaly, atyñ näme ýetmezi bar? — diýip soraýar.
— Däde, atyñ seýs-ä ýetirilipdir weli, onuñ ýetmezi içindäki ýyl aşan gaty tezek bolaýmasa — diýip, ol göwnemakul jogap beripdir. Gara aganyñ oglunyñ synçylygyna göwni ýetýär.
Hojanyýaz ýaş wagty Warryk lakamyny alýar. Hojanyýaz Warryk 1853-nji ýylda dünýä inip, 1935-nji ýylda 82 ýaşynda aradan çykypdyr. Onuñ Abdylla, Seýidylla, Ganýokmaz, Köçek diýen ogullary bolupdyr. Abdyllanyñ çagalary häzir Esenguly etrabynyñ Garadegiş obasynda, Seýidyllanyñ çagalary Eýranda, Ganýokmazyñ çagalary Gyzyletrek etrabynyñ Akýaýla obasynda ýaşaýarlar. Körpeleri Köçekden nesil galmandyr.

■ Eýrandaky üstünlik

Ýaşy birçene ýetensoñ Gara Täşli seýisçiligi Hojanyýaza ynanýar. Hojanyýaz ýuwaş-ýuwaşdan seýisçilik edip ugrapdyr. Onuñ at-owazasy diñe bir Gazanjyk, Etrek sebitlerinde däl, eýsem Eýrana hem dolupdyr.
Hojanyýaz seýis il-günüñ atyny hem seýisläp berýän eken. Onuñ seýislän atlarynyñ ählisi baýrakly geler ekenler.
Bir gezek Eýranda Ryza şanyñ şanyna uly toý tutulypdyr. Şeýle

toý her ýyl geçirilýän eken. Şol ýyl gojaman Hazaryň boýunda, Bendertürkmende geçirilipdir. Hojanyýazyň aganyň seýislän Aranparsy, Temek diýen atlary hem bu ýaryşa getirilipdir.
Iň uly on aýlawa 10 at goşulypdyr. Şolaryň arasynda Aranparsy hem bar eken. Şa öz wezir-wekilleri bilen atlara syn salyp durupdyr. Alty aýlaw geçilenden soň, Aranparsy barha öňe saýlanypdyr. Sekizinji aýlawda ol eýýäm bir aýlaw öňe çykypdyr. Beýleki atlar ýaňy soňky aýlawa başlanda, Aranparsy eýýäm pellehana gelipdir. Bu zatlary synlap oturan Ryza şa Hojanyýaz seýse sylag-serpaý ýapypdyr. Şol taýda Hojanyýazyň seýislän Temek atly aty hem baýrak alypdyr.
Eýranda, onda-da Ryza şanyň toýunda gazanylan bu üstünlik Hojanyýaz seýse at-abraý getiripdir.

■ Ryza şanyň gazaby

Hojanyýaz aganyň seýislän atlarynyň öz toýunda uly baýragy almagy Ryza şany biparh goýmandyr. Ol özüniň hem ýyndam atynyň bolmagyny isläpdir. Bu barada wezir-wekillerine buýruk beripdir. Buýrugy alan Muhsa han Hojanyýaz agany tapyp, oňa şanyň islegini aýdýar. Onda Hojanyýaz seýis:
– Ryza şa ýyndam bedew gerekmi ýa-da owadan at? – diýip soraýar.
Şanyň ýyndam at isleýändigini Muhsa han Hojanyýaz seýse düşündirýär. Hojanyýaz aga bolsa Muhsa hana bir ýabyny berip goýberýär. Özi üçin getirilen bu ýaba gözi düşen Ryza şa dergazap bolýar. Muhsa hana garap:
– Muhsa han, şol seýse bar-da aýt, ýene-de kyrk günden uly at çapyşygy boljak. Maňa şol çapyşykda baýrak alyp biljek at ibersin – diýip buýruk berýär.
Şanyň nökerleri gelip, Hojanyýaz seýse bolan wakany aýdyp, ýabyny hem onuň işiginde daňýarlar.
– Muhsa han, Ryza şanyň isleýän atyny, nesip bolsa, men çapgy güni eltip bererin – diýip, Hojanyýaz seýis olary ýola salýar.
Hojanyýaz bary-ýogy kyrk günüň içinde ýaňky ýabyny gowy edip seýisläp, at çapyşygy boljak ýere eltýär. Şanyň nökerleri Ryza şanyň ýanyna baryp, Hojanyýazyň aty getirendigini habar

berýärler. Şa gelip görse, öňünde şol öňki ýaby dur. Şanyň keýpine sogan dogralýar. Ýaryş başlanýar. Şanyň aty diýlen ýaňky ýaby hem ýaryşa goşulýar. On iki aýlawda Ryza şanyň aty uly baýragy alýar. Muňa hoş bolan Ryza şa Hojanyýaz aganyň hakyky seýisdigine ýüregi bilen ynanýar. Oňa sylag-serpaý ýapýar.

■ Seýisleriň seýsi

Günlerde bir gün uly at çapyşyk wagty Türkmensähranyň belli seýsi Arazmeňli Hajy Hojanyýaz aga duşýar. Özüniň münüp ýören atynu näçe seýislese-de, abraý getirmeýändigini aýdýar. Bu işde Hojanyýaz aganyň kömek etmegini soraýar. Köpi gören seýis atyň daşyndan bir aýlanyp, onuň owurdyny owkalaýar. At janawar tisginip gidýär. Hojanyýaz aga atyň öňünde bir jam çaýry goýup, agzyny açýar. Elindäki biz-temek bilen dişleriniň köküni dörüp, ganadýar. Atyň dişleriniň düýbünden akan gany bolsa, ýaňky çaýyr bilen garyşdyryp, şol ata berýär. Bu emi köpler geňleýär. Ýöne şol günki ýaryşda Arazmeňli Hajynyň aty baýrak alypdyr. Şol at ençeme ýyllap öňdeligi sypdyrmandyr. Şondan soňra özüne göwni ýetip ýören Arazmeňli Hajy Hojanyýaz seýse ýüregi bilen ynanypdyr. Onuň bilen mydam maslahatlaşypdyr.

■ Seýsiň seýis agtygy

Başda belläp geçişimiz ýaly, Hojanyýaz seýsiň dört ogly bolupdyr. Olaryň iň ulusyna Abdylla diýipdirler. Abdyllanyň ogly Haýdarguly aga häzir Esenguly etrabynyň Garadegiş obasynda ýaşaýar. Ol ençeme ýyl kolhozda işlän adam. Häzir hormatly dynç alyşda. Ir döwürlerde kolhozda 10-15 at bolupdyr. Ol şol atlara ideg edipdir.

— Agamyz Ganýokmaz hem seýisçilik ederdi. Onuň seýisleýän atyny bolsa ýaryşlarda men çapardym. 1935-nji ýylda Baýrammämmet ýolmanyň aty bilen maňa Moskwa, atly ýörişe gitmeli diýdiler. Käbir sebäplere görä men ol at bilen Moskwa gidip bilmedim. Onsoň ol aty aşgabatly bir adam münüp gidipdir Haýdarguly aga ömrüniň köpüsini seýisçilik bilen geçiren adam.

Ol Beýik Watançylyk urşunda bolup, Kursk, Ukraina ftontlarynda söweşipdir.

Muhammet TAGANGYLYJOW. Taryhy şahslar